# Çyn gahryman guşak çözmez bilinden

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Çyn gahryman guşak çözmez bilinden ÇYN GAHRYMAN GUŞAK ÇÖZMEZ BILINDEN

Günbatarda gözün sykyp aglanda
Köp bigünä ene, neresse çaga,
Ýewropa baglary burjy baglanda,
Başlapdyk billeri berk baglamaga.

Ol gün biz ýöräpdik söweşe sary,
Sessiz marşa goşup gadamlar urup,
Suworow, Kutuzow, Çapaýew – bary
Bize pata berdi ýerinden turup.

Jahana gan reñkli şöhlesin saçyp,
Güneş saçyn ýaýyp göge galýardy.
Elhenç fronr ganly agzyny açyp,
Watana garañky kölge salýardy.

Titreşdi depeler, silkindi daglar,
Iki güýç çaknyşyp, gürlewük turdy.
Köp atsyz meýdanlar, adamsyz baglar
Bize gol uzadyp, ýaş döküp durdy.

Faşist toplarynyñ tigirlerini
Söweş meýdanynda urup uşatdyk.
Gan döküp, Watanyñ bütin ýerini
Zulumdan, jebirden, gandan boşatdyk.

Ýeñiş bilen gitdik günbatar sary,
Top seslerne goşup gadamlar urup.
Puşkin, Gogol, Seýdi – watançy bary
Bize alkyş aýtdy ýerinden turup.

Goh turuzyp baryp tank, top, awtomat
Berlin derwezesin baryp kakdylar.
Zähresi ýarylan ýaraly jellat
Bary aman diläp, dyza çökdüler.

Iñ soñky faşistiñ goñur kölgesi
Gaçmaga ýol tapman, ýerinde doñdy.
Diñdi bombalaryñ, toplaryñ sesi,
Bu pursat iñ beýik ýeñişden soñdy.

Äpet gorkunç, ganhor ynsan jellady
Polat naýzalara mündürlen wagty.
Stalin gutlagyn sowet soldaty
Okady raketler salanda ýagty.

Şondan soñ ýöräpdik Watana sary,
Ýeñiş marşy bilen otluda süýşüp.
Ol gün halas bolan halklaryñ bary
Bize alkyş aýtdy ýolboýy süýşüp.

Berlinden güneşli ilime gaýtdym
Ýene ýetmek üçin Aşgabadyma.
Otlynyñ üstünde aýdymlar aýtdym,
Söýgüli ülkämi salyp ýadyma.

Ýagyşa, buluda, ýele bakmaýan
Parowoz der saçyp, ýurtlardan ötdi.
Gökler gürläp, ýyldyrymlar çakmaýan
Ýeñişli parahat ülkäme ýetdi».

Diýip, ýeñen ýigit berende gürrüñ
Mäkäm guşagyny bilden çözmändi.
Mert ýigit gürledi, hemme saldy diñ,
Çünki onda gyzyk gürrüñler kändi.

Soñra bagşy geldi, sazlar seslendi,
Daşarda bugaryp tagamlar bişip,
Batyry görmäge gyzlar seslendi,
Ýeñ astyndan ýuwaş-ýuwaş ýylgyrşyp.

Batyr jyňňyrdadyp orden, medalyn,
Märeke içinde guwançly gülýär.
Soramaga onuň ýagdaýyn, halyn
Ýene topar-topar adamlar gelýär.

* * *

Ondan soňra geçdi aý, uzak ýyllar,
Käte ýagyş ýagdy we öwsüp ýeller.
Suwlar akdy, saýraşyp şat bilbiller,
Baglarda seýl edip gezdi gözeller.

Her ýanda hezillik, her ýanda oýun,
Her ýanda zähmetiň ýeňişli sazy.
Mertleri ähli iş bolýardy boýun,
Gelipdi ömüriň sowulmaz ýazy.

Batyryň iň şirin arzuw-hyýaly
Söweşde-de oňa ganat bererdi.
Gök ýüzünde uçup tarlaň guş ýaly
Ele düşmän, perwaz edip ýörerdi.

Şol arziwy bilen ýeňip duşmanyn,
Ýüregin köşedip aýdym aýdardy.
Şol arzuwy bilen kolhoz meýdanyn
Timarlap, bejerip, öýe gaýdardy.

Bahar pasly gelip, janlananda suw,
Ýaş ýürek derýa dek daşyp çogýardy.
Şypasyn agtaryp her dileg, arzuw,
Bedende köp täze güýçler dogýardy.

Bu gün Batyrlarda ýene jemagat,
Ýene ýüpek tarlar heňler döredýär.
Batyryň arzuwy, bu gün, bu sagat
Oň belent başynda ömür ýer edýär.

Aýdymçylar aýdýar, sazlar-da çalýar,
Obany ýaňladýar toýuň owazy,

Batyr söýgülisin – öz bagtyn alýar,
Başlanýar oñ üçin durmuşyñ ýazy.

Seret, eý, okuwçym, Batyra bir bak,
Batyrlyk babatda ýokdur oña söz.
Oñ biline mäkäm baglanan guşak,
Ony bu gije-de bilden çözdürmez!

Rehmet SEÝIDOW. Goşgular